# Gelmezmi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gelmezmi GELMEZMI?

*«Pelek seniň bu gezekki gerdanyň*
*Biziň sary öwrülmezmi, gelmezmi?»*
*Magtymguly Pyragy.*

Gözlem intizardyr bagtyñ ýoluna,
Bagt bize öwrülmezmi, gelmezmi?
Umydym öçmesin dünýäñ alyna,
Meniñ ýüzüm öñde-soñda gülmezmi?

Allañ dergähinde arzym gowuşyp,
Gudrat bilen bir aýaga galsadym.
Ejizlere kömek golun uzadyp,
Ýetimleriň bir göwnüni alsadym.

Dogasyny alyp ene-atamyñ,
Hyzmatynda mydam gaýym dursadym.
Olar gojalanda goja dünýäde,
Direg bolup, kömek berip ýörsedim.

Ýollar aşyp, uzak menziller söküp,
Adamlaryñ göwünlerni götersem.
Hem olara ýagşy nesihat aýdyp,
Ýamanlary ýagşy ýola getirsem.

Ömür menziliniñ ýolyn külterläp,
Her säherde ýarym bilen oýansam.
Ojagymyñ alowyny öçürmän,
Mähir berip bir-birege söýensem.

Durmuşda mes edip, çenden aşyryp,
Ýöredeñsoñ nadan etme eý Alla.
Meni munda wysalyma duşuryp,
Ahyrýetde iman bilen goý Alla…

20.07.2019

Gurban GELDIÝEW. Goşgular